# Süleýman pygamberiñ ýüzügi we legendar güýçler

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Süleýman pygamberiñ ýüzügi we legendar güýçler SÜLEÝMAN PYGAMBERIÑ ÝÜZÜGI we LEGENDAR GÜÝÇLERI




Hezreti Süleýman pygamberiñ kyssalary Töwratda-da, Gurhanda-da gürrüñ berilýär. Aslynda üç uly ylahy dinde-de Süleýman pygambere giñden orun berilýär. Ony beýle arşa göterenem Allanyñ ýer ýüzünde adam ogluna bagyş etmedik güýçlere eýe bolmagydyr. Süleýman pygamberiñ ýüzügi-de onuñ güýjüniñ simwolydyr. Ähli güýçleriñ bu ýüzükden gelýändigi rowaýat edilýär.
Hezreti Süleýman Allatagalanyñ pygamberi we ýer ýüzüniñ patyşasydyr. Kakasy-da özi ýaly pygamber we patyşa bolan Süleýman saýlama maşgalada kemala gelipdir. Ýer ýüzüniñ adalat bilen dolup-daşan ýyllary onuñ hökümdarlygynda bolup geçipdir.
Eýsem-de bolsa, Süleýman pygamberiñ ýüzügi nämä ýarapdyr? Ýüzük ähli güýçleri öz içine alýarmydy? Ýa bolmasa ol ýöne bir simwolmydy? Legendar güýçleri bolan bu ýüzügi we Hezreti Süleýmanyñ ömrüni ýakyndan öwrenmäge synanyşalyñ.



*Süleýman pygamberiň ýüzügi*

**• Ýüzük kimde bolsa, Süleýman hem şodur**

Süleýman pygamberiň ýüzügi ençeme ýyllar bäri gözlenip gelinýär. Birnäçe adam Süleýmanyň döwründen galan mukaddes goş-golamlaryň haçly ýörişleri döwründe Ierusalimden ogurlanandygyny öňe sürýär. Ogurlanan zatlaryň içinde Süleýmanyň möhürli ýüzüginiň bardygyny ýa ýokdugyny bilýän ýok, ýöne mukaddes emläkleriň talanandygy welin hakykat.
Süleýman pygamberiň ýüzügini tapan we barmagyna daoan adamyň onuň güýçlerine erk edip biljekdigine ynanylýar. Süleýman pygamber özünden öň hiç kimsä berilmedik we özünden soňam hiç kime berilmejek hökmürowanlyk diläpdir. Allatagala hem onuň bu dogasyna jogap edip, Süleýman pygamberiň daşyny adatdan daşary güýçler bilen berkidipdi. Hezreti Süleýmanyň hökümdarlygynyň dowam eden döwründe ýele, jynlara, guşlara we adamlara hökmüni ýöredipdir. Oňa suw deýin akýan metallary islän ugruna gönükdirme güýji berlipdir.
Süleýman pygamber bu güýçler arkaly duşmanlaryny ýekän-ýekän ýok edipdir. Dünýäde dagy-duwara özünden başganyň ýola goýup bilmejek adalatly düzgün-tertibi ýola goýupdyr. Jynlara höküm edip, äpet-äpet binalary gurdurypdyr we olary-da işçi deregine ulanypdyr. Onuň döwründe birgiden şäherler gurlupdyr we halk asudalykda ýaşapdyr.
Süleýman pygamberiň ähli güýjüni ýüzükden alýandygy baradaky rowaýatda ýüzügiň Alla tarapyn oňa sowgat edilendigi aýdylýar. Bu ýüzük bary-ýogy birküç sany adamyň bilýän «Ismi-Agzam» dogasyny özünde saklaýar. Ýüzügi barmagyna dakan adam hiç bir ötegçiniň eýe bolmadyk güýçlerine ýetýärmiş.
Hezreti Süleýmanyň ýüzügi şeýlekin dereje rowaýatlaşypdyr we

legendar güýçlere eýe bolup bolýandygyny görkezipdir. Şonuň üçinem ony ele salmak isleýän adamlar az bolmandyr. Ýüzük ýüzlerçe ýyl bäri gözlenip gelinýär, onuň şindizem Ysraýyl tarapyndan gözlenýändigi aýdylýar.



*Mesjid-i Aksa*

- **Süleýman pygamberiň ýüzügi**

Möhri-Süleýman, ýagny Süleýman pygamberiň ýüzügi iki üçburçlugyň kesişmesinden dörän simwola eýedir. Simwol aslynda bäş burçly ýyldyzdyr. Şonuň üçinem günbatarlylar bu ýüzüge «Süleýmanyň ýyldyzy» adyny-da beripdirler.
Ýüzükdäki simwolyň ýer bilen gögüň bileleşmesini aňladýandygy aýdylýar. Simwoly manylandyrýan birnäçe pikir bar. Üçburçlyklardan biri adamyň bedenini aňlatsa, beýlekisi ruhuny aňladýar. Beýleji bir garaýyşda bolsa üçburçluklar aýal-erkej tapawudyny we bitewiligini alamatlandyrýar.
Süleýmanyň ýüzügi hemme döwürde dilden düşmändir. Taryhda gurlan rkmen döwletlerinde ýaşan meşhur serkerdeler hem ýüzügiň simwolyny ulanypdyrlar. Aýratynam seljuk türkmenleriniň döwrüniň pullarynda köp duş gelinýär.
Süleýman pygamber bu ýüzük arkaly ählu ynsa-jynsa – ýagny, adamzada, haýwanlara we jynlara hökmüni ýöredipdir. Ol haýwanlar bilen gürleşip, olardan gerekli maglumatyny alyp bilipdir. Bu ygtyýarlyklaryň barsy Süleýman pygamberiň ölümi bilen soňlanypdyr. Ýüzüge näme bolandygy belli däl, emma ýüzügiň Allatagala tarapyndan arşa galdyrylandygy rowaýat edilýär. Ýüzük arşa bir galanyň içinde saklanýarmyş we dowzah odundan ýaradylan aždarha tarapyndan goralýarmyş.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar